**MAGLUMATLARYŇ GORAGY BIZIŇ ÜÇIN MÖHÜM**

**www.info.lidl üçin gizlinlik syýasaty**

Lidl Stiftung & Co. KG (şu ýerde mundan beýläk "Lidl", "biz", "bize" diýlip atlandyrylýar) tarapyndan maglumatlaryň goralmagy bilen gyzyklananyňyz üçin sag boluň. Siz biziň “Lidl” websaýtymyza gireniňizde özüňizi rahat we howpsuz duýmagyňyzy isleýäris we biziň tapawutly häsiýetlerimiziň biri, müşderilerimiziň maglumatlaryny goramaklygyň biziň borjumyzdygyny bilmegimiz bolup durýar.

Aşakdaky gizlinlik syýasaty, www.info.lidl websaýtyna gireniňizde we şertnamalaýyn üpjün edijilerimiz we azyk hem-de azyk däl önümlerimiziň üpjünçilik zynjyryna gatnaşýan önüm öndürijiler we beýleki taraplar bilen gatnaşykda şahsy maglumatlaryňyzyň nähili we näderejede işlenýändigini aýdýar. Şahsy maglumatlar - siziň şahsyýetiňizi anyklaýan ýa-da ony gönümel ýa gytaklaýyn anyklap biljek maglumatlar bolup durýar. Maglumatlary goramagyň kanunçylyk esasy, takyk aýdylanynda Ýewropa Bileleşiginiň maglumatlary goramak boýunça umumy düzgünnamasy (MGUD) bolup durýar.

**I. Gysgaça syn**

Lidl Stiftung & Co. KG tarapyndan maglumatlaryň işlenilmegini esasan iki topara bölüp bolýar:

- Websaýta gireniňizde ahyrky enjamyňyz bilen serwerimiziň arasynda dürli maglumatlaryň alyş-çalşygy bolup geçýär. Bu şahsy maglumatlary hem öz içine alyp biler. Bu görnüşde toplanan maglumatlar websaýtymyzy optimizirlemek ýa-da razylyk beren bolsaňyz, web sahypasyndaky özüni alyp barşyňyzy seljermek üçin ulanylýar.
- Üpjünçilik zynjyrynyň aç-açanlyk maksady üçin www.info.lidl websaýtynda Lidl Stiftung & Co. KG kompaniýasynyň şertnamalaýyn hyzmatdaşynyň azyk we azyk däl üpjün edijilerimiziň üpjünçilik zynjyryna gatnaşýan öndürijilere we / ýa-da beýleki taraplara iberýän zynjyrlaryny çap edýäris. Bu maksat bilen toplanan maglumatlar şahsy maglumatlary öz içine alyp biler.

**II. Websahypamyza girmeklik**

Işlemekligiň maksatlary / hukuk esaslary:

Websaýtymyza gireniňizde, ahyrky enjamyňyzda ulanylýan brauzer awtomatiki usulda we siziň tarapyňyzdan hiç hili hereket ýerine ýetirilmezden iberer

- internete girýän enjamyň IP salgysyny;
- girmegiň senesini we wagtyny;
- soralan faýlyň adyny we URL-ni;
- (URL iberiji salgydan) girilen web sahypa / programma
- brauzer we zerur bolan ýagdaýynda internet bilen işleýän kompýuteriňiziň operasion ulgamy we girişi üpjün edijiniň ady

žurnal faýlyny şu maksatlar bilen wagtlaýyn saklanylmagy üçin websaýt serwerimize iberer:

- meselesiz birikmäni kepillendirmek;
- websaýtymyzyň / programmamyzyň ulanyjylara oňaýlylygyny üpjün etmek;
- ulgamyň howpsuzlygyny we durnuklylygyny seljermek.

Sanawda görkezilen maglumatlary işlemekligiiň kanuny esaslary MGUD-nyň 6 (1) (f) maddasy bolup durýar. Ýokarda sanalan maglumatlary işlemegiň maksatlary kanuny bähbidimizi düzýär.

Alyjylar / alyjylararyň kategoriýalary:

Ýokarda agzalan işlemeklik bilen baglanyşykly maglumatlaryňyz, IT hosting hyzmatlary pudagyndaky işleýjiler tarapyndan biziň adymyzdan işlener. Şeýle işleýjiler seresaplylyk bilen saýlanýar, biziň tarapymyzdan barlanýar we MGUD-yň 28-nji maddasyna laýyklykda olar bilen şertnama baglaşylýar.

Saklanyş wagty / saklanyş wagtyny kesgitlemek üçin şertler:

Maglumatlar ýedi gün saklanar we şondan soň awtomatiki usulda pozular.

**III. Üpjünçilik zynjyrlarynyň neşir edilmegi**

Gaýtadan işlemegiň maksatlary/kanuny esaslary

Şahsy maglumatlaryňyzy şertnamalaýyn hyzmatdaşdan başlap öndürijä çenli www.info.lidl websaýtymyzda neşir etmek üçin şahsy maglumatlaryňyzy ýygnaýarys we işleýäris. Biz diňe siz bilen üpjün edijiniň arasynda bar bolan üpjünçilik şertnamasynyň çäklerinde gytaklaýyn ýa-da gönümel üpjün edijilerimiziň birine aýan edilen at maglumatlaryny we salgylaryny işleýäris. Üpjünçilik zynjyrlarynyň çap edilmegi MGUD-yň 6 (1) (f) maddasyna laýyklykda kanuny bähbitleri ýerine ýetirmäge hyzmat edýär. Sarp edijilere üpjünçilik zynjyrlarymyz barada giňişleýin aç-açanlygy hödürläp bilmek, bu düzgüniň manysynda kanuny bähbit hasaplanýar. Bähbitleriň her taraplaýyn deňeşdirmesinden soň, bu bähbitlere olaryň üstünden geçýän bähbitleriň gapma-garşydygy çak edilmeýär. Maglumatlar başga maksatlar üçin aç-açan işlenmeýär.

**Maglumatlaryň ýokarda agzalan maksatlar bilen işlenilmegine isendik wagt hiç hili tölegsiz garşy çykyp bilersiňiz, ol garşylyk geljekde güýje girer. Mysal üçin, VII maddada görkezilen habarlaşmak üçin maglumata elektron hat ibermek arkaly şeýdip bilersiňiz. 9.**

Alyjylar / alyjylararyň kategoriýalary:

Bu kanuny bähbitleri ýerine ýetirmek we goramak üçin maglumatlaryňyz www.info.lidl saýtynda çap edilýär we üçünji taraplara hem elýeterli bolup biler (VI madda serediň). Kompaniýamyzyň içinde şeýle maglumatlary talap edýän bölümlere kanuny bähbitler üçin maglumatyňyza giriş ygtyýary berler.

Saklanyş wagty / saklanyş wagtyny kesgitlemek üçin şertler:

Bu websaýtda çap edilýän üpjünçilik zynjyrlary we olar bilen baglanyşykly şahsy maglumatlar her ýyl täzelenýär.

Siziň şahsy maglumatlaryňyz ýokarda agzalan maksatlary ýerine ýetirmeklik üçin näçe wagt zerur bolsa, şonça wagtlap saklanylar. Käbir ýagdaýlarda ulanylyşa gözegçilik etmek üçin maglumatlar biziň diskimizde 10 ýyla çenli saklanylyp bilner.

**IV. Ulanyş maglumatlaryny işlemek üçin kuki faýllary we şuňa meňzeş tehnologiýalary ulanmak**

Işlemekligiň maksatlary / hukuk esaslary:

Biz, Lidl Stiftung & Co. KG, Ştiftsberg köçesi 1, 74172 Nekkarzulm, Germaniýa, hemme (aşaky) domenlerde https://info.lidl **kuki faýllarynyň** ulanylmagy we **beýleki şuňa meňzeş tehnologiýalaryň ulanylmagy** bilen baglanyşykly maglumatlaryň işlenmegi babatynda gözegçilik edýäris.

Kuki faýllary websaýtymyza gireniňizde ahyrky enjamyňyzda (noutbuk, planşet, smartfon we ş.m.) saklanýan ownuk tekst faýllarydyr. Kuki faýllary ahyrky enjamyňyza zyýan bermeýär, wiruslary, troýanlary ýa-da beýleki zyýanly programma üpjünçiligini öz içine almaýar. Kuki faýllary kesgitli ahyrkyenjamda ýerleşdirlen bellimaglumaty saklaýarlar. Ýöne bu siziň şahsyýetiňizi derrew anyklaýandygymyzy aňlatmaýar.

Kuki faýllary we ulanyş maglumatlaryny işlemek üçin ulanylýan beýleki tehnologiýalar, kuki faýllaryň / beýleki tehnologiýalaryň kategoriýalaryna baglylykda aşakdaky maksatlar üçin ulanylýar:

- **Tehniki taýdan zerur**: Bular kuki faýllary we beýleki şuňa meňzeş tehnologiýalar bolup, şolarsyz siz biziň hyzmatlarymyzy (meselem, biziň websaýtymyzyň / talap eden funksiýalaryňyzyň we ş.m. dogry görkezilmegi üçin) ulanyp bilmersiňiz.
- **Ileri tutmalar:** Bu usullary ulanmak bilen ulanyjy bilen arabaglanyşygy ýokarlandyrmak üçin biz siziň hakyky ýa-da isleýän islegleriňizi göz öňüne tutup bilýäris. Mysal üçin, biz websaýtymyzy size degişli dilde görkezmek üçin siziň sazlamalaryňyzy ulanyp bilýäris.
- **Statistika**: bu tehnologiýalar olaryň nähili ulanylýandygyny hakynda gizlin statistikany döretmeklik bilen biziň hyzmatlarymyzyň dizaýnyny düzmäge mümkinçilik berýär. Mysal üçin, biz olary websaýtymyzy ulanyjylaryň endiklerine görä nädip gowy uýgunlaşdyrmagy kesgitlemäge ulanyp bileris.

Biziň ulanýan kuki faýllary we beýleki tehnologiýalar, şol sanda gaýtadan işlemekligiň maksatlary, saklanyş möhleti we gatnaşýan üpjün ediji üçünji taraplar barada umumy maglumat üçin biziň kuki faýllary barada syýasatymyza serediň.

Kuki faýllarynyň we şoňa meňzeş tehnologiýalaryň ulanyş maglumatlaryny işlemek üçin hususan-da şahsy maglumatlaryň şu görnüşleriniň işlenmegini öz içine alýar:

**Tehniki taýdan zerur:**

- ulanyjynyň häzirki domeni üçin ulanyjynyň razylyk ýagdaýyny saklamak üçin girişleri (kuki faýllarynyň ulanylmagyna razylygy);
- howpsuzlyk bilen baglanyşykly wakalar (meselem, ulgama şowsuz gaýtadan giriş synanyşyklaryny ýüze çykarmak üçin);
- Multimediýa mazmuny aýtdyrmak üçin maglumat (meselem, saýlan widelolaryňyzy (önümi) aýtdyrmak.)

**Ileri tutmalar:**

- Ulanyjy interfeýsini laýyklamak üçin sazlamalar (meselem, ileri tutulýan dili saýlamak);

**Statistika:**

- Websaýtyň ulanylyşy barada maglumaty öz içinde saklaýan ýarym anonim profilleriň ulanylyşy. Bular esasan aşakdakylar öz içine alýar:
    - brauzeriň görnüşi / brauzeriň wersiýasy;
    - ulanylýan operasion ulgamy;
    - ulanylýan enjam;
    - iberiji URL salgysy (ýagny, ozalky girilen sahypa)

- baglanylýan kompýuteriň host ady (IP adresi)
- serwere ýüzlenme wagty;
- şahsy ulanyjy şahsyýetnamasy; we
- websaýtda işlenilen wakalar (web sahypasyna göz aýlamakda özüni alyp barmaklygy)

- Adatça IP adres anonim edilýär, bu bolsa aslynda sizi tanamak mümkin däldigini aňladýar.

Kuki faýllarynyň ileri tutulmagynyň we statistikasynyň kanuny esaslary bolup MGUD-yň 6(1)(a) maddasyna laýyklykda siziň beren razylygyňyz bolup durýar. Tehniki zerur bolan kuki faýllarynyň ulanylmagyň kanuny esasy bolup MGUD-yň 6(1) (f) maddasy bolup durýar, sebäbi biziň size ýokary hilli websaýty hödürlemäge kanuny bähbitlerimiz bar.

**Razylygyňyzy islendik wagt yzyna alyp / üýtgedip bilersiňiz, şonda ol geljekde güýje girýär, razylygyňyzy yzyna almazdan öň şoňa esaslanýan işlemekligiň kanunalaýyklygyna täsir etmeýär. Saýlamak üçin şu ýere basyň.**

Alyjylar / alyjylararyň kategoriýalary:

Ulanyş maglumatlaryny işlemek üçin kukileri we şoňa meňzeş tehnologiýalary ulananymyzda, maglumatlary işlemek üçin käwagt ýöriteleşdirlen hyzmatlary üpjün edijilere ýüzlenip bileris. Olar maglumatlaryňyzy işleýji hökmünde biziň adymyzdan işleýärler. Olaryň her biri MGUD-yň 28-nji maddasynda laýyklykda seresaplylyk bilen saýlanan we şertnama tabyn bolup durýar. Biziň kuki faýllary barada sýýasatymyzda hyzmaty üpjün ediji hökmünde görkezilen ähli kompaniýalar, biziň adymyzdan işleýjiler hökmünde çykyş edýärler.

Biziň Google LLC bilen hyzmatdaşlygymyzyň çäklerinde, ýokarda agzalan maglumatlar adatça, ABŞ-da ýerleşýän serwerlerde statistiki maksatlar üçin hem işlenilýär.

Saklanyş wagty / saklanyş wagtyny kesgitlemek üçin şertler:

Kuki faýllaryny saklamagyň wagty barada maglumat üçin biziň kuki faýllary barada syýasatymyza serediň. Eger “möhleti” sütünine “hemişelik” girizlen bolsa, degişli razylyk yzyna alynýança hemişelik saklanylar.

**V. Müşderilere hyzmat ediş**

Işlemekligiň maksatlary / hukuk esaslary:

Biz siziň habarlaşma görnüşinde, telefon, elektron poçta ýa-da sosial media arkaly (meselem, müşderilere hyzmat ediş bölümi bilen habarlaşaňyzda) berýän ähli şahsy maglumatlaryňyzy ýaşyryn maglumat hökmünde ele alýarys. Bizi siziň maglumatlaryňyzy diňe talabyňyzy işlemek üçin çäkli maksatlar bilen ulanýarys. Maglumatlary işlemekligiň kanuny esasy MGUD-yň 6(1)(f) we 6(1)(b) maddalary bolup durýar. Maglumatlary işlemäge umumy (kanuny) bähbidimiz, islendik soraglara jogap bermek we ýüze çykyp biljek islendik meseläni çözmek maksadyndan ýüze çykýar we şeýlelik bilen web sahypamyzyň müşderisi ýa-da beýleki ulanyjysy hökmünde kanagatlanmak derejäňizi üpjün etmek we ýokarlandyrmak bolup durýar.

Alyjylar / alyjylararyň kategoriýalary:

Siziň ýüz tutmalaryňyza jogap berenimizde, müşderilere hyzmat edişe ýöriteleşdirlen biziň adymyzdan siziň maglumatlaryňyzy işlejek işleýjileri hem ulanarys. Şeýle işleýjiler seresaplylyk bilen

saýlanýar, biziň tarapymyzdan barlanýar we MGUD-yň 28-nji maddasyna laýyklykda olar bilen şertnama baglaşylýar.

Mundan başga-da, siziň ýüztutmalaryňyzy işläp taýýarlamak üçin siziň ýüztutmaňyzyň böleklerini şertnamalaýyn hyzmatdaşlara (meslem, önüm bilen baglanyşykly soraglar ýüze çykan halatynda üpjün edijilere) tabşyrmagymyzyň zerur bolmagy ähtimal. Bu ýagdaýlarda, siziň ýüztutmaňyz öňünden anonimleşdiriler, bu bolsa üçünji taraplaryň sizi tanap bilmejekdigini aňladýar. Aýry-aýry ýagdaýlarda şahsy maglumatlaryňyzy bermek zerur bolsa, size öňünden habar bereris we razylygyňyzy alarys.

Eger siz aç-açan razylygyňyzy bermedik bolsaňyz, biz siziň şahsy maglumatlaryňyzy üçünji taraplara bermeris.

Saklanyş wagty / saklanyş wagtyny kesgitlemek üçin şertler:

Haçan-da siz websaýtyň ýa-da elektron poçtanyňň üstünden ýüz tutanyňyzda (oňyn / nägile teswirler ýa-da teklipler) ahyrky jogap iberileninden soň 90 günden gijä galman biz sizden alýan ähli şahsy maglumatlaryňyzy pozýarys ýa-da anonimleşdirýäris. Tejribä esaslanyp, adatça biz 90 günden soňra jogaplarymyza degişli hiç hili soraglary almaýarys. Eger siz öz hukuklaryňyzy maglumatyň subýekti hökmünde goraýan bolsaňyz (aşakdaky VI bölüme serediň), size giňişleýin maglumat berendigimiz we kanuny talaplaryň berjaý edilendigini tassyklamak üçin siziň şahsy magluamtlaryňyz ahyrky jogapdan soň üç ýyl saklanar.

### VI. Üçünji ýurtdaky alyjylara maglumatyň geçirilişi

Eger biz üçünji ýurtdaky (Ýewropa Ykdysady Sebitiniň daşynda ýerleşýän) alyjylara maglumaty geçirsek, degişli maglumaty işlemekligiň beýanynda alyjylar / alyjylaryň kategoriýalary barada maglumatda bu ýagdaý aýdyň görkeziljär. Käbir üçünji ýurtlar, Ýewropa Ykdysady Sebitinde hödürlenýän maglumatlaryň goraglylyk derejesi bilen deňeşdirip boljak derejede ýeterlilik kararlary diýlip atlandyrylýan sertifikatlar bilen Ýewropa Bileleşigi tarapyndan sertifikatlaşdyrlandyr. Bu ýurtlaryň sanawy şu salgyda bar http://ec.europa.eu/justice/data-protection/international-transfers/adequacy/index_en.html. Eger belli bir ýurtda maglumatlary goramagyň deňeşdirip boljak standarty ýok bolsa, onda biz maglumatlary goramaklygyň ýeterlilik derejesini kepillendirmek üçin hökmany korporatiw düzgünleri, Ýewropa Bileleşiginiň şahsy maglumatlary goramak hakyndaky şertnamalaýyn düzgünleri, sertifikatlar ýa-da özüňi alyp barmagyň ykrar edilen kodeksleri ýaly beýleki usullary ulanýarys. Has giňişleýin maglumat üçin maglumatlary goramak boýunça işgärimize ýüz tutmagyňyzy haýyş edýäris (9-njy bent).

### VII. Maglumat subýektleriniň hukuklary

Bize beren islendik razylygyňyzy yzyna almak hukugyndan başga-da, degişli kanuny şertler ýerine ýetirilen halatynda aşakdaky goşmaça hukuklaryňyz bar:

- MGUD-yň 15-nji maddasyna laýyklykda bizde saklanýan siziň şahsy maglumatlaryňyza girmek hukugy;
- MGUD-yň 16-njy maddasyna laýyklykda doly däl şahsy maglumatlary doldurmak hukugy we nädogry şahsy maglumatlary düzetmek hukugy;
- MGUD-yň 17-nji maddasyna laýyklykda bizde saklanýan şahsy maglumatlaryňyzy pozmak hukugy;
- MGUD-yň 18-nji maddasyna laýyklykda maglumatlaryňyzy işlemegi çäklendirmek hukugy;
- MGUD-yň 20-nji maddasyna laýyklykda siziň maglumatlaryňyzy ýanyňda götermek hukugy;

- MGUD-yň 21-nji maddasyna laýyklykda garşy çykmak hukugy;

**1. MGUD-yň 15-nji maddasyna laýyklykda giriş hukugy**

MGUD-yň 15 (1) maddasyna laýyklykda, siz hakda saklanýan şahsy maglumatlaryňyzy barada mugt maglumat soramaga hukugyňyz bar. Bu esasanam öz içine alýar:

- şahsy maglumatlaryň işlenmeginiň maksatlary;
- işlenilýän şahsy maglumatlaryň kategoriýalary;
- şahsy maglumatlaryňyzyň aýan edilen ýa-da aýan ediljek alyjylary ýa-da alyjylaryň kategoriýalary;
- şahsy maglumatlary saklamagyň meýilleşdirlen dowamlylygy ýa-da belli jikme-jiklikleri bermek mümkin däl bolsa, saklamaklygyň dowamlylyygyny kesgitlemekde ulanylýan şertler;
- size degişli şahsy maglumatlary düzetmek ýa-da pozmak hukugy, gözegçiden şol maglumatlaryň işlenilmegini çäklendirmegi soramak ýa-da bu işlenilmegine garşy çykmak hukugy;
- gözegçilik edarasyna arz-şikaýat etmek hukugy;
- şahsy maglumatlar maglumatyň subýektinden ýygnalmaýan bolsa, maglumatlaryň gelip çykyşy bilen baglanyşykly ähli maglumatlar;
- çözgütleri kabul etmekligiň islendik awtomatlaşdyrlan proseslериniň, hususanda MGUD-yň 22(1) we (4) maddasyna laýyklykda profili ýazmaklygy öz içine alýan we - iň bolmanda bu ýagdaýlarda - maglumatlaryň subýekti üçin şeýle gaýtadan işlemegiň ähmiýeti we göz öňüne tutulan netijleri bilen baglanyşykly logika degişli manyly maglumatlar.

Eger şahsy maglumatlary üçünji ýurda ýa-da halkara gurama geçirilýän bolsa, geçirmek bilen baglanyşykly MGUD-yň 46-njy maddasyna laýyklykda degişli kepillikler barada habarnama almaga hukugyňyz bar.

**2. MGUD-yň 16-njy maddasyna laýyklykda düzediş hukugy**

Siz hakdaky nädogry şahsy maglumatlaryň düzedilmegini talap etmäge hakyňyz bar. Gaýtadan işlemegiň maksatlaryny göz öňünde tutup, goşmaça beýan bermek arkaly doly däl şahsy maglumatlary doldurmaga hukugyňyz bar.

**3. MGUD-yň 17-nji maddasyna laýyklykda pozmak hukugy**

Şu esaslaryň biri bar bolsa, size degişli islendik şahsy maglumatlaryň gaýragoýulmasyz pozulmagyny bizden talap etmäge hukugyňyz bar:

- şahsy maglumatlar ýygnalan ýa-da başga görnüşde işlenen maksatlar bilen baglanyşykly däl;
- 6-njy (1) (a) ýa-da 9 (2) (a) maddalara laýyklykda gaýtadan işlemegiň esaslanan razylygyny yzyna alýarsyňyz we gaýtadan işlemek üçin başga kanuny esas ýok;
- MGUD-yň 21(1) ýa-da (2) maddasynda laýyklykda gaýtadan işlemäge garşy çykýarsyňyz we MGUD-yň 21(1) maddasy bolan ýagdaýynda gaýtadan işlemek üçin kanuny esaslar ýok;
- şahsy maglumatlar bikanun işlenildi;
- şahsy maglumatlary pozmak kanuny borçnamany ýerine ýetirmek üçin zerur;

- MGUD-yň 8(1) maddasynda görkezilen, informasion jemgyýetiň hyzmatlarynyň teklibi bilen baglanyşykly şahsy maglumatlar ýygnalan.

Eger biz siziň şahsy maglumatlaryňyzy köpçülige aýan eden bolsak we olary elýeter tehnologiýanyň we ornaşdyrmanyň bahasyny göz öňüne tutmak bilen pozmaga borçly bolsak, siziň şahsy maglumatlaryňyzy gaýtadan işleýän islendik üçünji tarapy islendik salgylanmalaryň, nusgalaryň, köpeldilmeleriň üçünji taraplardan pozmaklygy soranyňyzy habar bermek üçin degişli çäreleri göreris.

**4. MGUD-yň 18-nji maddasyna laýyklykda gaýtadan işlemegi çäklendirmek hukugy**

Aşakdakylaryň biri ulanylýan bolsa, siz bizden gaýtadan işlemekligi çäklendirmegi talap edip bilýärsiňiz:

- şahsy maglumatlaryň takyklygyna garşy çykýarsyňyz;
- gaýtadan işleme bikanuny bolup durýar we siz şahsy maglumatlaryň ulanylmagynyň öçürilmegini däl-de, onuň çäklendirilmegini talap edýärsiňiz.
- gaýtadan işlemeklik üçin gözegçä siziň şahsy maglumatlaryňyz indi gerek däl, ýöne olar kanuny talaplaryň döretmek, ýerine ýetirmek ýa-da goramak üçin maglumatlaryň subýekti üçin zerur bolup durýar; ýa-da
- maglumatyň subýektleriniň kanuny esaslaryndan gözegçiniň kanuny esaslarynyň bardygyny barlamazdan ozal MGUD-yň 21(1) maddasynda laýyklykda gaýtadan işlemeklige garşy çykypsyňyz.

**5. MGUD-yň 20-nji maddasyna laýyklykda maglumaty ýanyňda götermek hukugy**

Bize beren şahsy maglumatlaryňyzy gurluşly, giňişleýin ulanylýan we maşyn okalýan görnüşde almaga hakyňyz bar we bu maglumatlary başga bir gözegçä biz tarapdan päsgelçiliksiz geçirmäge hakyňyz bar, bu ýerde

- eger gaýtadan işlemek 6(1)(a) ýa-da 9(2) maddalaryna ýa-da MGUD-yň 6(1)(b) maddasynyň şertnamasyna esaslanan bolsa we
- gaýtadan işlemek awtomatiki usulda amala aşyrylýan bolsa.

Maglumatlary ýanyňda götermek hukugyňyzy amala aşyranyňyzda, eger tehniki taýdan mümkin bolsa, şahsy maglumatlaryňyzy gönümel bizden başga gözegçä geçirmäge hukugyňyz bar.

**6. MGUD-yň 21-nji maddasyna laýyklykda garşy çykmak hukugy**

MGUD-yň 21(1) maddasynyň talaplary ýerine ýetirilen halatynda häzirki ýagdaýyňyza baglylykda maglumatlaryň işlenilmegine garşy çykyp bilersiňiz.

Ýokarda agzalan garşy çykmanyň umumy hukugy MGUD-yň 6(1)(f) maddasynyň esasynda gaýtadan işlenilýän, şu gizlinlik syýasatynda görkezilen ähli gaýtadan işlemäniň esaslaryna degişli bolup durýar. Mahabatlandyryş maksatlary üçin maglumatlaryň işlenmegine garşylygyň kesgitli hukugyndan tapawutlylykda, mysal üçin, janyňyza ýa-da saglyňyza howp salýan birinji orunda durýan möhüm esaslary görkezen ýagdaýyňyzda biz şunuň ýaly umumy hukugy berjaý etmäge borçly bolup durýarys. Mundan başga-da, Lidl Stiftung & Co. KG üçin jogapkär gözegçilik edarasyna ýa-da Lidl Stiftung & Co. KG-iň maglumat gorag gullugyna ýüz tutup bilersiňiz (IV.4 bölüme serediň).

**7. GDPR-yň 77-nji maddasyna laýyklykda maglumatlary goramak boýunça gözegçilik edarasyna arz-şikaýat etmek hukugy**

Mundan başga-da siz, maglumatlary goramagyň ygtyýarly edarasyna islän wagtyňyz arz-şikaýat etmäge hakyňyz dyr. Munuň üçin siz, ýaşaýan ýeriňiz bolan Germaniýa Ýeriniň maglumatlary goramak boýunça gözegçilik edarasyna ýa-da Lidl Stiftung & Co. KG-nyň ýerleşýän Ýeri hökmünde Baden-Württemberg Ýeriniň edarasyna ýüz tutup bilersiňiz.

## 8. Hukuklaryňyzy amala aşyrmak

Sorag ýüze çykan halatynda ýa-da maglumatlary goramak hukuklaryňyzy amala aşyrmak üçin ýüz tutmaly ýerler

Maglumatlaryňyzyň işlenilmeginde öz hukuklaryňyzy amala aşyrmak üçin (maglumatlary goramak hukugy) Lidl müşderilere hyzmat ediş bölümine ýüz tutmagyňyzy haýyş edýäris:

https://www.lidl.de/contact

## 9. Gözegçi we maglumatlary goramak boýunça işgäri

Bu gizlinlik syýasaty, Lidl Stiftung & Co. KG, Ştiftsberg köçesi, 1, 74167 Nekkarzulm, Germaniýa ("Gözegçi") we www.info.lidl websaýty üçin maglumatlary gaýtadan işlemäge degişli bolup durýar.

Gözegçi bilen corporate.communications.international@lidl.com salgy arkaly habarlaşyp bilersiňiz. www.info.lidl websaýtynyň maglumatlary goramaklygyň işleýşi bilen baglanyşykly soraglar boýunça Lidl Stiftung & Co. KG kompaniýasynyň maglumatlary goramak boýunça işgärine, ýokarda agzalan salgyda maglumat goragy boýunça jogapkär işgäriň adyna ýa-da datenschutz@lidl.com salgy arkaly ýüz tutuň.